MAKUL HABAR

atawatanhabar@gmail.com | ATAVATAN TÜRKMENISTAN | SENTÝABR AÝYNYŇ 20-si, 2025. №36



# TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ MEJLISI GEÇIRILDI

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedow Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisini açyk diýip yglan etdi. Türkmenistanyň Döwlet senasy ýaňlandy. Soňra wekilýetleriň agzalaryndan gelip gowşan tekliplere laýyklykda, Halk Maslahatynyň mejlisiniň prezidiumy saýlanyldy.

Türkmen halkynyň Milli Lideri ýygnananlaryň biragyzdan goldamagynda we doly makullamagynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisiniň gün tertibiniň tassyklanylandygyny yglan etdi we öz çykyşyny amala aşyrdy.

Bu gün Garaşsyzlygymyzyň we hemişelik Bitaraplygymyzyň binýatlary has-da berkidilýär. Durmuşa geçirilýän bu beýik işler halkymyzyň abadan we bagtyýar durmuşyny üpjün etmäge gönükdirilen döwlet syýasatymyzyň netijesidir. Bu taryhy işler şu günümiziň hem-de geljegimiziň beýikdigini ykrar edýär. Indiki wezipämiz mundan beýläk-de ýurdumyzy gülledip ösdürmekden ybaratdyr. Bu wezipäni bolsa gazanylan üstünlikleri berkitmek, wagyz etmek, adamlary täze üstünliklere ruhlandyrmak arkaly berjaý edip bileris. Ine, hut şu işlerde hem Türkmenistanyň Halk Maslahatyna uly orun degişlidir, diýip, Milli Liderimiz belledi.

> *Paýtagtymyzdaky Maslahat köşgünde türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň başlyklyk etmeginde Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň nobatdaky mejlisi geçirildi. Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň 34 ýyllygynyň öňüsyrasynda geçirilýän umumymilli forumyň gün tertibine mähriban halkymyzyň bagtyýar we abadan durmuşyny üpjün etmäge, ýurdumyzyň durmuş-ykdysady taýdan mundan beýläk-de ösdürilmegine gönükdiri-len möhüm meseleler girizildi. Ýurdumyzyň ýokary wekilçilikli edarasynyň mejlisi-ne Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary, Mejlisiň deputatlary, ministr-likleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, syýasy partiýalaryň, jemgyýetçi-lik guramalarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ýolbaşçylary, welaýat-laryň, etraplaryň we şäherleriň häkimleri, welaýat, etrap, şäher halk maslahatlary-nyň agzalary, hormatly ýaşulular, mährem eneler, jemgyýetçilik wekilleri, beýleki adamlar gatnaşdylar.*

Dünýäde şeýle bir mukaddes gymmatlyk bar. Oňa «Watan» diýilýär. Watana bolan söýgi ynsan üçin iň beýik söýgüdir. Mukaddes söýgüdir. Watana bolan söýgi ynsanyň tutuş ömrüni bezeýär. Ynsan üçin Watandan beýik mukaddeslik, Watandan beýik gymmatlyk ýokdur. Bagtly bolmak üçin Watany söýmek gerek, diýip bellemek bilen Milli Liderimiz Watana, halka hyzmat edip, sylag-hormata mynasyp bolmak her bir ynsan üçin mukaddes borçdur, belent mertebedir. Sebäbi kim Watanyny de-pesine täç eýlese, Watany hem ony başyna täç eýlär, diýdi.

Soňra Gahryman Arkadagymyz Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisine gatnaşyjylara söz berdi. Çykyş edenler Gahryman Arkadagymyzyň taryhy çykyşynda beýan eden başlangyçlarynyň ähmiýetini belläp, hormatly Prezidentimize hem-de Milli Liderimize berk jan saglyk, uzak ömür, halkymyzyň abadançylygynyň bähbidine alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdiler. Şeýle hem çykyş edenler Ahal welaýatynda Altyn asyr etrabyny, Daşoguz welaýatynda Garaşsyzlyk hem-de Gubadag etraplaryny, Lebap welaýatynda Döwletli, Farap, Garabekewül etraplaryny, Mary welaýatynda Oguzhan etrabyny döretmek teklip edildi. Bu teklipler halkymyzyň ýaşaýyş-durmuşynyň has-da ýokarlanmagyna, milli ykdysadyýetimiziň döwrebaplaşdyrylmagyna oňyn goşant bolar diýip,bellediler.

Soňra arakesme yglan edildi. Arakesme wagtynda Türkmenistanyň Mejlisiniň maslahaty geçirildi. Onda Halk Maslahatynyň mejlisinde ýurdumyzyň welaýatlarynyň dolandyryş-çäk gurluşyny mundan beýläk-de kämilleşdirmek, halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini mundan beýläk-de ýokarlandyrmak barada öňe sürlen teklipler ara alnyp maslahatlaşyldy.

Arakesmeden soňra, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň mejlisi hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda öz işini dowam etdi. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gahryman Arkadagymyz döwlet Baştutanymyza söz berdi.

### MILLI YKDYSADYÝETDE DURNUKLY ÖSÜŞ GAZANYLÝAR

Hormatly Prezidentimiz çykyşynda Garaşsyz, baky Bitarap döwletimizde ýerine ýetirilen işleriň jemlerini jemledi. Ýurdumyzda sebit we milli maýa goýum taslamalary üstünlikli durmuşa geçirilýär. Bu bolsa Diýarymyzyň sebitleriniň ykdysady kuwwatyny yzygiderli berkidýär. Bu ugurda öňde goýlan wezipeleri mundan beýläk-de üstünlikli amala aşyrmak maksady bilen, «Türkmenistanyň Prezidentiniň obalaryň, şäherçeleriň, etraplardaky şäherleriň we etrap merkezleriniň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini özgertmek boýunça 2028-nji ýyla çenli döwür üçin rejelenen görnüşdäki Milli maksatnamasy» kabul edildi. ● 2

## TIF 2025: Türkmenistanyň ulag strategiýasy – iri taslamalar meýilleşdirilýär



◢ Türkmenistanyň Maýa goýum forumynda (TIF 2025) Türkmenistanyň demir ýol ulaglary ministri Mämmet Akmämmedow ýurduň logistika strategiýasyny tanyşdyrdy. Bu strategiýa ulag pudagyny döwrebaplaşdyrmaga we onuň halkara kommunikasiýa düzümindäki ornuny berkitmäge gönükdirilendir. ● 3

## Rustam Minnihanow täzeden Tatarystanyň Baştutany boldy



◢ Tatarystanda ilkinji gezek ýurt Baştutany saýlawlary geçirildi. Tatarystanyň Merkezi saýlaw topary saýlawlarynyň netijelerini tassyklady. Netijede häzirki wagtdaky Tatarystan Respublikasynyň Baştutany Rustam Minnihanow ýeňiş gazandy, ol takmynan 2 million ses aldy, bu bolsa saýlawçylaryň sesiniň 88,09%-e deňdir. ● 4

## Koreýa bilim almak isleýän türkmen ýaşlary üçin bildiriş



◢ Koreýa Respublikasynyň Bilim ministrliginiň Halkara Bilim Instituty ýokary bilim almak üçin döwlet talyp hakly maksatnamasyna (GKS) arzalaryň kabul edilip başlanandygyny mälim etdi. Bu maksatnamanyň çäklerinde Türkmenistanyň raýatlary üçin ilçihana arkaly bakalawriat maksatnamasyna iki orun berilýär. ● 5

## Aşgabatda täze “Yutong” ýolagçy awtobuslary hyzmat edip başlady



◢ Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 34 ýyllygynyň öňüsyrasynda täze “Yutong” kysymly hem-de sowadyjy ulgamly ýolagçy awtobuslar paýtagtymyz Aşgabadyň şaýollaryny we köçelerini bezäp, ilata hyzmat edip başlady. Kämil enjamlar bilen üpjün edilen täze ýolagçy awtobuslarynyň 700-si gelip gowuşdy. ● 6



# TÜRKMENISTANYŇ HALK MASLAHATYNYŇ MEJLISI GEÇIRILDI

Başlangyjy 1-nji sahypada.

«Türkmenistany 2025-nji ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasy» esasynda ýurdumyzy ösdürmek üçin şu ýylyň ahyryna çenli 40 milliard 72 million manat möçberinde düýpli maýa goýumlar özleşdiriler. Ýurdumyzyň ähli sebitlerinde täze iş orunlaryny döretmek, ilatyň durmuş taýdan goraglylygyny üpjün etmek boýunça toplumlaýyn işler alnyp barylýar. Şu ýylyň ahyryna çenli täze döredilen iş orunlarynyň sany 3 müňden gowrak bolar.

### TÄZE HIMIÝA TOPLUMLARY GURLAR

Himiýa senagatynda täze önümçilikleri döretmek boýunça hem netijeli işler durmuşa geçirilýär. Häzirki wagtda himiýa senagatynyň işgärleri üçin Balkan welaýatynyň Türkmenbaşy etrabynyň Guwlymaýak şäherçesinde ýaşaýyş jaýlar we binalar toplumynyň gurluşygy alnyp barylýar. Türkmenbaşy etrabynda karbamid öndürýän toplumy, Ahaldaky gazdan benzin öndürýän zawodyň ikinji tapgyryny, Lebap welaýatynyň Türkmenabat şäherindäki himiýa zawodynyň düzüminde mineral dökünleri öndürýän toplumy, Mary welaýatynyň Mary etrabynyň çäginde mineral dökünleri öndürýän zawody gurmak meýilleşdirilýär.

### TÄZE SAGLYK MERKEZLERINIŇ DÜÝBI TUTULAR

Arkadagly Gahryman Serdarymyz saglygy goraýyş ulgamy barada aýdyp, halkymyzyň saglygynyň, abadan we bagtyýar durmuşynyň ýurdumyzyň döwlet syýasatynyň möhüm ugry bolup durýandygyny belledi. Nygtalyşy ýaly, saglygy goraýyş ulgamynda halkymyza dünýä ülňülerine laýyk gelýän ýokary hilli lukmançylyk hyzmatlary hödürlenilýär. Häzirki wagtda paýtagtymyzda Halkara pediatriýa, Halkara onkologiýa ylmy-kliniki merkezleriniň, Stomatologiýa merkeziniň gurluşygy ýokary depginde dowam edýär. Şeýle hem «Arçman» şypahanasynda goşmaça 400 orunlyk binalar toplumynyň gurluşygy alnyp barylýar.

Ýakyn wagtda biz Myrat Garryýew adyndaky Türkmenistanyň Döwlet lukmançylyk uniwersitetiniň köpugurly hassahanasynyň, Indira Gandi adyndaky Aşgabat lukmançylyk orta okuw mekdebiniň täze binalar toplumynyň, paýtagtymyzda köpugurly hassahananyň, Ahal welaýatynyň Tejen şäherinde köpugurly hassahananyň düýbüni tutmagy meýilleşdirýäris. Şeýle-de Mary, Balkan we Lebap welaýatlarynda halkara derejeli onkologiýa merkezlerini, Daşoguz welaýatynda Enäniň we çaganyň saglygyny goraýyş merkezini gurmagy göz öňünde tutýarys. Bu işleriň ähli saglygy goraýyş ulgamyna keselleriň öňüni almak, anyklamak, bejermek boýunça öňdebaryjy tejribeleriň giňden ornaşdyrylýandygyny görkezýär. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz halkymyzyň saglygyny goramagyň, ýurdumyzyň abadançylygyny gazanmagyň öňde durýan iň uly maksatdygyny nygtady.

Soňra Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan kabul edilen karar bilen maslahata gatnaşyjylary tanyşdyrmak üçin D.Gulmanowa söz berildi. Ol Halk Maslahatynyň mejlisine gatnaşyjylary Türkmenistanyň Mejlisi tarapyndan kabul edilen karar bilen tanyşdyrdy.

Türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedow hormatly Prezidentimize ýüzlenip, Halk Maslahatynyň şu günki mejlisinde möhüm ähmiýeti bolan Permandyr Kararlaryň işlenip taýýarlanylandygyny aýtdy.

Türkmenistanyň Mejlisiniň kabul eden karary esasynda hem Ahal, Daşoguz, Lebap we Mary welaýatlarynyň käbir etraplarynyň häkimliklerini döretmek, şeýle-de ýurdumyzy senagat taýdan ösdürmekde möhüm ähmiýeti bolan Balkan welaýatynyň Türkmenbaşy etrabynda karbamid öndürýän toplumy gurmak hakynda kararlar işlenip taýýarlanyldy diýip, Gahryman Arkadagymyz aýtdy we hormatly Prezidentimizden bu resminamalara gol çekmegini haýyş etdi. Döwlet Baştutanymyz ýygnananlaryň el çarpyşmalary astynda degişli resminamalara gol çekdi.

Şeýle hem döwlet Baştutanymyz Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň «Hormatly il ýaşulusy» diýen ada mynasyp bolan ýaşululara, ýaşlary watançylyk ruhunda terbiýeländikleri, dürli ulgamlarda çeken asylly zähmeti üçin «Zenan kalby» ordenine mynasyp bolanlara sylaglary dabaraly ýagdaýda gowşurdy.

# Bagtly zamana obasy dabaraly açyldy

Ahal welaýatynyň Kaka etrabynyň Gowşut geňeşliginde täze, döwrebap obanyň açylyş dabarasy boldy. Täze ilatly ýeriň "Bagtly zamana" diýlip atlandyrylmagy Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe halkymyzyň bagtyýar durmuşda ýaşaýandygyny alamatlandyrýar.



Bagtly zamana obasy 400 sany döwrebap ýaşaýyş jaýyny, 640 orunlyk orta mekdebi, 320 orunlyk çagalar bagyny, söwda merkezini, geňeşligiň edara binasyny özünde jemleýär. Obadaky täze orta mekdepde çagalaryň döwrebap bilim we terbiýe almagy üçin ähli şertler döredilipdir.

Mekdepde döwrebap okuw enjamlary bilen üpjün edilen ýagty hem giň okuw otaglary, okuwçylaryň döredijilik ukyplaryny açmaklary üçin aýdym-saz otaglary, sport, medeni çäreler üçin zallar, kitaphana göz öňünde tutulypdyr. Şeýle hem bu ýerde mekdep okuwçylaryna



zähmet terbiýesini bermek üçin zerur şertler bar. Ýurdumyzda bilim ulgamyny kämilleşdirmäge, hemmetaraplaýyn bilimli, innowasion tehnologiýalar bilen onat baş çykarýan hünärmenleri taýýarlamaga aýratyn üns berilýär.

Şunuň bilen baglylykda, gurulýan ähli umumybilim berýän mekdepler öňdebaryjy okuw tehnologiýalary, häzirki zaman multimedia we interaktiw enjamlary bilen üpjün edilýär. Munuň özi ýaşlaryň sazlaşykly ösmegine ýardam berýär.

Dabara gatnaşyjylar oba ilatyna we onuň myhmanlaryna dürli görnüşli harytlary hödürlejek döwrebap söwda merkezi bilen tanyşdylar. Bu ýerde azyk önümlerinden başlap,



gündelik durmuşda zerur bolan hojalyk harytlaryny satyn almak bolýar.

Täze öýlere göçüp gelen bagtyýar maşgalalaryň jaý toýlary döwrebap obanyň açylyş dabarasyna aýratyn öwüşgin çaýdy. Jaý toýy döwletlilik, rysgal-bereket, bagtyýarlyk ýaly gymmatlyklaryň durmuş ýörelgeleri bilen baglanyşygynyň özboluşly beýanydyr. Döwrebap ýaşaýyş jaýlarynda ähli amatlyklar göz öňünde tutulyp, otaglar ýokary hilli mebeller bilen enjamlaşdyrylypdyr. Olaryň gurluşygynda häzirki zaman gurluşyk we bezeg serişdeleri ulanylypdyr. Her jaýyň ýanaşyk ýerleri abadanlaşdyrylyp, ýaşaýyş üçin oňaýly şertler döredilipdir.

# "Makul sözlük" indi Google Books katalogynda!

Dünýäniň iň uly sanly kitap kataloglarynyň biri bolan **"Google Books"** ulgamyna giň göwrümli **"Makul English–Turkmen Dictionary" (Makul Iňlis–Türkmen sözlügi)** girizildi.

Bu sözlügiň Google Books-da ýerleşdirilmegi onuň diňe bir Amazon arkaly elýeter däldigini, eýsem halkara derejesinde resmi ISBN ýazgysy bilen tanalyp, dünýäniň dürli künjeginden alymlara, talyplara hem-de giň okyjy köpçüligine elýeterli bolandygyny görkezýär.

### KITAP BARADA

"Makul sözlük" – iňlis dilindäki **16,500-den gowrak sözleri** türkmen diline terjime edýän giň göwrümli gollanmadyr. Şeýle hem hukuk, ykdysadyýet, lukmançylyk, maglumat tehnologiýalary, emeli intellekt we sport ýaly ýöriteleşdirilen ugurlary hem öz içine alýar.

### GOOGLE BOOKS-NYŇ ÄHMIÝETI

Google Books, dünýäniň dürli kütüphanalaryndan we neşirçileriniň kataloglaryndan maglumatlary öz içine alýan ägirt uly maglumat bazasydyr. Kitaplaryň bu platformada ýerleşdirilmegi olaryň:

- **Resmi taýdan tanalýandygyny,**
- **Dünýä derejesinde gözleglerde tapylýandygyny,**
- **Alymlar, terjimeçiler we dil öwrenijiler üçin has elýeterli bolýandygyny aňladýar.**

Üstesine, Google bu maglumatlary awtordan garaşsyz, öz institusional maglumat çeşmeleri arkaly ýerleşdirýär.

### SÖZLÜGIŇ ÄHMIÝETI

"Makul sözlük" diňe bir dil gollanmasy däl, eýsem türkmen diliniň baýlygyny dünýä açýan möhüm bir **dil köprüsi** hökmünde hyzmat edýär. Kitapda ýerleşdirilen köpugurly söz beýanlary we düşünjeler ýaş nesilleriň hem-de hünärmenleriň türkmen dilinde täze mümkinçilikleri tapmagyna ýol açýar.

### NETIJE

"Makul English–Turkmen Dictionary"-niň Google Books katalogyna girizilmegi Türkmenistanyň medeniýetiniň, diliniň we ylmy mirasynyň dünýä derejesinde tanadylmagyna uly goşant bolup durýar.

Kitaby görmek üçin Google Books sahypasyna girip bilersiňiz:
Makul English–Turkmen Dictionary – Google Books



TIF 2025
www.tif-turkmenistan.com
TURKMENISTAN INVESTMENT FORUM
18-19 September
AWAZA, TURKMENISTAN

# Azerbaýjanyň SOCAR kompaniýasy Türkmenistandaky känleriň özleşdirilmegine gyzyklanma bildirýär

**Azerbaýjan Respublikasynyň Döwlet Nebit Kompaniýasy (SOCAR) Türkmenistanda känleriň özleşdiriliş taslamalaryna gatnaşmaga gyzyklanma bildirýär. Bu barada Azerbaýjanyň ykdysadyýet ministriniň orunbasary Sahib Alekperow "Awaza" milli syýahatçylyk zolagynda geçirilen Türkmenistanyň Maýa goýum forumynda belläp geçdi.**

**"Ýurtlarymyzyň energetika hyzmatdaşlygyny giňeltmek üçin uly mümkinçilikleri bar. Azerbaýjanyň tarapynyň türkmen nebit we gazynyň üpjünçiligi boýunça uzak möhletleýin hyzmatdaşlyk mehanizmleri barada anyk gepleşiklere taýýardygy bar. Söhbet üstaşyr ýollary we içerki bazaryň ygtybarly üpjünçiligi hakynda gidýär. "SOCAR" kompaniýamyz Türkmenistanda känleriň özleşdirilişiniň geljegi uly taslamalaryna gatnaşmaga gyzyklanma bildirýär" diýip, ol aýtdy.**

**Alekperowyň pikirine, iki ýurduň elektrik energetikasy pudagynda hem hyzmatdaşlyk üçin gowy mümkinçilikleri bar. "Azerbaýjan, uly öndüriji we eksport ediji hökmünde, üstaşyr üçin ygtybarly geçelgäni teklip edýär. Biz Türkmenistanyň elektrik energiýasynyň Azerbaýjana, soňra bolsa üçünji ýurtlara iberilmegi boýunça gowy mümkinçilikleri görýäris" diýip, ol belledi.**

**Türkmenistanyň Maýa goýum forumy (TIF-2025) 18–19 sentýabr aralygynda Hazar deňziniň türkmen kenaryndaky "Awaza" milli syýahatçylyk zolagynda geçirildi. Foruma 45 ýurtdan 800-den gowrak wekiller gatnaşdy. Olaryň arasynda döwlet işgärleri, işewürler we öňdebaryjy halkara guramalarynyň wekilleri bar. Çärede Türkmenistanyň energetika, infrastruktura, logistika, maliýe we innowasiýa ugurlaryndaky maýa goýum mümkinçilikleri ara alnyp maslahatlaşyldy.**

# Awaza-TIF-2025: möhüm ylalaşyklara gol çekildi

Awazada geçirilen Türkmenistanyň Maýa goýum forumynyň çäklerinde dürli ugurlarda strategik ylalaşyklary berkidýän birnäçe möhüm ikitaraplaýyn resminamalara gol çekildi. Bu ylalaşyklar Türkmenistanyň ykdysady bähbitleriniň giňdigini we halkara hyzmatdaşlygy çuňlaşdyrmaga taýýardygyny görkezdi.

## SAGLYGY GORAÝYŞ WE DURNUKLY ÖSÜŞ

«Pandemiýalaryň öňüni almak üçin Maksatly gaznanyň» grant bermegi baradaky ylalaşyga Türkmenistanyň maliýe we ykdysadyýet ministri Mämmetguly Astanagulow we Bütindünýä bankynyň Türkmenistandaky we Gazagystandaky hemişelik wekili Andrei Mihnew gol çekdiler. Bu resminama azyk ulgamlaryny goramaga we ekoulgamlaryň saglygyny saklamaga gönükdirilen «Merkezi Aziýada Ýeke-täk saglyk goraýyş» sebit taslamasyny durmuşa geçirmäge gönükdirilendir.

## SENAGATDAKY INNOWASIÝALAR



Türkmenistanyň Senagat we gurluşyk önümçiligi ministrligi öňdebaryjy halkara kompaniýa bolan "Primetals Technologies Austria GmbH" bilen özara düşünişmek hakynda Ähtnama baglaşdy. Resminama ministr Toýguly Nurow we Awstriýanyň kompaniýasynyň esasy wise-prezidenti Andreas Lemp tarapyndan tassyklanyldy.

"Mitsubishi Heavy Industries" toparynyň düzümindäki metallurgiýada iň uly innowasion merkez hökmünde, Awstriýanyň Lents şäherinde ýerleşýän "Primetals Technologies", Türkmenistanda bu pudagy ösdürmek üçin öňdebaryjy tehnologiýalara elýeterliligi üpjün eder.

## LONDON BILEN SÖWDA GATNAŞYKLARY



Türkmenistanyň Söwda-senagat edarasy bilen Angliýanyň iň çalt ösýän palatalarynyň biri bolan Günbatar London Söwda palatasynyň (WLCC) arasynda özara düşünişmek hakynda Ähtnama gol çekildi. Resminama türkmen tarapynyň başlygynyň orunbasary Azat Nazarow we WLCC-niň prezidenti Kristofer Durkin tarapyndan gol çekildi.

Bu ylalaşyk WLCC-niň bütin dünýädäki hyzmatdaşlary bilen giňişleýin gatnaşyklary arkaly türkmen kompaniýalaryna global derejä çykmaga kömek eder.

## ERKIN YKDYSADY ZOLAKLARY ÖSDÜRMEK



Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrligi dünýä boýunça 1200-den gowrak zolagyň we seýilgähiň bähbitlerini görkezýän global dänjirçilik däl gurama bolan Bütindünýä Erkin Zolaklar Guramasy (World FZO) bilen özara düşünişmek hakynda Ähtnama gol çekdi. Resminama ministr Mämmetguly Astanagulow we World FZO-nyň Merkezi Aziýa sebiti boýunça bölüminiň ýolbaşçysy Ýerbol Buharbaýew gol çekdi. Awazada geçirilen Maýa goýum forumynda bu resminamalara gol çekilmegi Türkmenistanyň daşary ykdysady syýasatynyň köpugurlylygyny we oňynlygyny nygtaýar.

Baglaşylan ylalaşyklaryň köpdürlügi – global saglygy goraýyşdan we agyr senagatdan başlap, söwdä we ykdysady zolaklaryň ösüşine çenli – ýurduň öz ösüşi üçin esasy ugurlarda hyzmatdaşlyk gatnaşyklaryny üstünlikli giňeldýändigini görkezýär.

# TIF 2025: Türkmenistanyň ulag strategiýasy – iri taslamalar meýilleşdirilýär

Türkmenistanyň Maýa goýum forumynda (TIF 2025) Türkmenistanyň demir ýol ulaglary ministri Mämmet Akmämmedow ýurduň logistika strategiýasyny tanyşdyrdy. Bu strategiýa ulag pudagyny döwrebaplaşdyrmaga we onuň halkara kommunikasiýa düzümindäki ornuny berkitmäge gönükdirilendir.

Türkmenistan ulag düzümini ösdürmäge gönükdirilen milli maksatnamalary işjeň durmuşa geçirýär. Esasy tagallalar ulag toruny giňeltmäge we ýük akymlaryny artdyrmaga jemlenendir, bu bolsa ýurduň üstaşyr-ulag kuwwatyny doly açmaga ýardam edýär. Pudagyň ösüşi sebit we halkara hyzmatdaşlygynyň pugtalandyrylmagy bilen aýrylmaz baglanyşykly bolup, bu Türkmenistanyň dünýäniň ulag ulgamlaryna goşulyşmagyna mümkinçilik berýär.

Gelejegi uly taslamalaryň arasynda uzynlygy takmynan 600 km bolan Aşgabat – Arkadag – Awaza demir ýolunyň gurluşygy bar. Bu taslama içerki arabaglanyşygy gowulandyrmaga we ýurduň üstaşyr mümkinçiliklerini güýçlendirmäge gönükdirilendir.

Mundan başga-da, 2011-nji ýylda Aşgabat ylalaşygyna gol çekilmegi möhüm ädim boldy. Bu ylalaşyk Oman, Eýran, Türkmenistan we Özbegistanyň arasynda halkara ulag we üstaşyr geçelgesini döretmek üçin esas goýdy. Soňra bu ylalaşyga Katar, Gazagystan we Hindistan hem goşuldy.

Ýene bir geljegi uly taslama – Türkmenistanyň günbatar serhedinden başlap, Owganystanyň üsti bilen Pakistana we ondan aňry Hindistana uzajak Turgundy – Hyrat – Kandagar demir ýol magistralydyr. Bu taslamanyň çäklerinde eýýäm uzynlygy 42 km bolan Ymamnazar – Akina – Andhoý bölegi gurulýar.

Garaşsyzlyk ýyllarynda Türkmenistan öz demir ýol düzümini ep-esli giňeltdi. Täze demir ýollaryň 1659 kilometri guruldy, şol sanda:



**Tejen – Sarahs;**
**Türkmenabat – Kerki;**
**Aşgabat – Daşoguz;**
**Bereket – Serhetýaka;**
**Bereket – Etrek;**
**Kerki – Ymamnazar.**

Häzirki wagtda 5000 km-den gowrak demir ýollary ýurduň sebitleriniň arasynda ygtybarly arabaglanyşygy üpjün edýär we üstaşyr gatnawlaryň ösmegine ýardam berýär. Pudagy döwrebaplaşdyrmak üçin täze ýolagçy we ýük teplowozlary satyn alyndy, şeýle hem Türkmenabat – Kerki – Amyderýa ýaly möhüm köprüler we beýleki düzümleýin desgalar guruldy.

Türkmenistanyň Merkezi Aziýadaky strategiki ýerleşişi ony Gündogary we Günbatary birleşdirýän üstaşyr geçelgelerde esasy çatryga öwürýär. Hytaý – Ýewropa ugurlarynyň çäklerinde Hytaý – Gazagystan – Azerbaýjan – Gruziýa – Türkiýe – Ýewropa ýaly geçelgeler ösdürilýär. Şeýle hem täze ugurlar döredilýär, olaryň hatarynda:



Täjigistan – Özbegistan – Türkmenistan – Eýran – Türkiýe;

Gyrgyzystan – Özbegistan – Türkmenistan – Eýran – Türkiýe.

Türkmenbaşy Halkara deňiz portunyň we awtomobil ýollarynyň torunyň ösdürilmegine aýratyn üns berilýär, bu bolsa gaýtadan işlenýän ýükleriň möçberiniň artmagyna oňyn täsir edýär.

Ýük daşamalarynyň netijeliligini ýokarlandyrmak üçin Türkmenistan döwrebap, ýokary tehnologiýaly düzüme maýa goýýar.

Akmämmedow Türkmenistan üçin maýa goýumlaryň diňe bir maliýe serişdeleri bolman, eýsem tehnologiýadygyny, bilimdigini, halkara önümçilik zynjyrlaryna goşulyşmakdygyny we güýçli işgärlerdigini belledi.

Türkmen tarapy hyzmatdaşlaryň goldawy bilen Merkezi Aziýany ähli-mumy ulag toruna birikdirip, sebiti halkara söwdasynyň we ulagyň möhüm merkezine öwürmegiň başartjakdygyna umyt bildirdi.

Türkmenistan ulag ulgamynyň durnukly ösüşine ählumumy ösüşiň esasy hökmünde garaýar. Ýurt öz tejribesini paýlaşmaga we beýik taslamalary durmuşa geçirmek üçin hyzmatdaşlygy berkitmäge taýýardyr.



# Azerbaýjan Türkmenistana sowgat hökmünde nebit daşaýan tanker gurýar

**Baku gämi gurluşyk zawodunda Türkmenistana sowgat beriljek nebit daşaýan tanker gurulýar. Bu barada Azerbaýjanyň ykdysadyýet ministriniň orunbasary Sahib Alekperow "Awaza" milli syýahatçylyk zolagynda geçirilen Türkmenistanyň Maýa goýumy forumynda eden çykyşynda belläp geçdi.**

**"TASS" habarlar gullugynyň habar bermegine görä, gäminiň ýük göterijiligi 8 müň tonna barabar bolar.**

**"Gämi gurluşygy babatda hyzmatdaşlygyň geljegi uly. Azerbaýjanyň Hazar deňzindäki iň uly söwda floty bar. Baku gämi gurluşyk zawodynyň ähli görnüşli gämileri öndürmäge mümkinçiligi bar" diýip, Sahyp Alekperow Türkmenistanda geçirilen Maýa goýum forumynda aýtdy.**

**Onuň sözlerine görä, gämi gurluşygy boýunça hyzmatdaşlygyň çäginde Baku gämi gurluşyk zawodunda 8 müň tonna ýük göterijilikli nebit daşaýan tankeriň gurluşygyna başlanyp, ol Türkmenistana sowgat hökmünde berler.**

# Tramp Beýik Britaniýada: 42 milliard tehnologiýa hyzmatdaşlyk şertnamalar baglaşyldy

ABŞ-nyň Prezidenti Donald Tramp döwlet sapary bilen Beýik Britaniýada bolýar. Bu saparyň öňüsyrasynda Beýik Britaniýa bilen ABŞ "tehnologik gülläp ösüş boýunça ylalaşygy" baglaşdy. Bu ylalaşyk emeli aň (EA) we kwant tehnologiýalaryny işläp taýýarlamakda, şeýle hem atom energetikasy pudagynda hyzmatdaşlygy göz öňünde tutýar.

Bu barada Britaniýanyň Premýer-ministriniň edarasyndan çap edilen beýannamada aýdylýar. Resminama görä, gazanylan ylalaşyklar "Microsoft", "Nvidia", "Google" we "OpenAI" ýaly amerikan kompaniýalarynyň hasabyna Britaniýanyň ykdysadyýetine 31 mlrd funt sterling ($42,3 mlrd) möçberinde maýa goýumlaryna getiriler.

Ylalaşygyň netijesinde, 2026-njy ýylyň ahyryna çenli 120 müň sany "Nvidia" grafiki prosessorynyň alnyp gelinmeginden soň, Beýik Britaniýada Ýewropadaky iň uly klaster dörediler. Iň uly maýa goýumyny "Microsoft" eder – kompaniýa 4 ýyl dowamynda emeli aň bilen baglanyşykly infrastruktura $30 mlrd goýjak bolup, munuň çäginde 23 müň çip esasynda ýurtdaky iň uly superkompýuteri döreder.

"Google" bolsa Londondan golaýdaky Walfem-Kross şäherinde maglumat işläp taýýarlamak merkezini açar. Bu taslama üçin kompaniýa 5 mlrd funt sterling möçberinde maýa goýjak bolup, onuň netijesinde Beýik Britaniýada 15 müň töweregi täze iş orunlary dörediler diýlip garaşylýar.



# Azerbaýjan bilen BAE emeli aň ulgamynda hyzmatdaşlyk eder



Azerbaýjanyň Sanly ösüş we ulag ministrligi bilen Birleşen Arap Emirlikleriniň "Presight" kompaniýasy 2025–2028-nji ýyllar üçin Azerbaýjan Respublikasynyň Emeli aň strategiýasyny durmuşa geçirmekde hyzmatdaşlyk etmek boýunça özara düşünişmek hakyndaky ähtnama gol çekdi.

Bu resminama Şuşa şäherinde Azerbaýjanyň Prezidenti Ilham Aliýew bilen Birleşen Arap Emirlikleriniň Prezidenti Şeýh Mohammed bin Zaýed Al Nahaýýan bilen gińişleýin düzümde geçirilen duşuşykda gol çekildi. Mundan başga-da, Ylym we bilim ministrligi bilen "Presight" kompaniýasynyň arasynda bilim ulgamynda emeli aňyň ulanylyşyny giňeltmek boýunça hem ähtnama baglaşyldy.

Şeýle hem Birleşen Arap Emirlikleriniň Prezidenti Şeýh Mohammed bin Zaýed Al Nahaýýanyň Azerbaýjana amala aşyran resmi saparynyň çäklerinde iki ýurduň arasynda dürli ugurlarda 14 şertnama baglaşyldy.



# Rustam Minnihanow täzeden Tatarystanyň Baştutany boldy



Tatarystanda ilkinji gezek ýurt Baştutany saýlawlary geçirildi. Maglumatlara görä, saýlawlara saýlawçylaryň umumy sanynyň 77,01%-i gatnaşdy. Tatarystanyň Merkezi saýlaw topary saýlawlarynyň netijelerini tassyklady. Netijede häzirki wagtdaky Tatarystan Respublikasynyň Baştutany Rustam Minnihanow ýeňiş gazandy, ol takmynan 2 million ses aldy, bu bolsa saýlawçylaryň sesiniň 88,09%-e deňdir.

Saýlawlar aç-açanlyk we demokratik ýagdaýda geçdi. Ses bermegiň dowamynda hiç hili düzgün bozulmalar ýüze çykmady. Tatarystanyň Merkezi saýlaw topary, şeýle hem ýerli we uçastok toparlary üçin kanunçylykda göz öňünde tutulan ähli şertler döredildi. Saýlawlaryň esasy netijesi – tatarystanly saýlawçylar öňküsi ýaly ýokary işjeňlik görkezdiler we şeýlelikde öz raýat kanuny hukuklaryndan peýdalandylar. Saýlaw güni saýlaw uçastoklaryna saýlawçylaryň köpçülikleýin gelmegi saýlawlaryň işjeň ýagdaýa eýedigini görkezdi.

Saýlawlara 4 dalaşgär gatnaşyp, beýleki dalaşgärlerden Hafiz Mirgalimow – 4,97% ýa-da 110 müň ses, Witaliý Smirnow – 1,9% ýa-da 42,2 müň ses, Ruslan Ýusupow** – 4,2% ýa-da 93,5 müň ses aldy.

# ABŞ bilen Hytaý "TikTok" jemgyýetçilik tory boýunça ylalaşdy

ABŞ bilen Hytaý "TikTok" jemgyýetçilik torunyň ABŞ-da ýerleşýän bir firma satylmagynyň şertleri boýunça çarçuwaly ylalaşyga geldiler. Bu barada maliýe ministri Skott Bessent "Reuters" we "CNN" metbugat gulluklaryna habar berdi.

ABŞ-nyň Prezidenti Donald Tramp bilen HHR-iň Başlygy Si Szinpiniň 19-njy sentýabrda göz öňünde tutulýan duşuşygynda bu şertnama boýunça doly ylalaşyga gelinmegi meýilleşdirilýär.

«Ýewropada Amerikanyň Birleşen Ştatlary bilen Hytaýyň arasynda uly söwda duşuşygy örän gowy geçdi. Şeýle hem, belli bir kompaniýa boýunça ylalaşyga gelindi. Ýaşlar muňa gaty begenerler!» – diýip, Tramp "Truth Social" jemgyýetçilik torunda habar berdi.

2024-nji ýylda ABŞ Kongresi "TikTok"-yň eýesi bolan hytaýly "ByteDance" kompaniýasynyň ABŞ-daky bölümini satmaga ýa-da sosial ulgamyň ýurduň çäginde işlemegini bes etmäge borçlandyrýan kanun kabul edipdi.



# Şwesiýanyň mekdeplerinde okuwçylaryň mobil telefon ulanmagy doly gadagan ediler

Şwesiýa mekdeplerde çagalaryň telefon ulanmagyna milli derejede gadagançylyk girizýär. Bu barada "The Guardian" neşiri habar berýär.

Täze düzgünler 2026-njy ýylyň güýzünden güýje girer. Mugallymlar 7–16 ýaş aralygyndaky okuwçylardan sapak başlamazdan öň telefonlaryny ýygnap, sapak gutarandan soň yzyna bermäge borçly bolarlar. Täze düzgünleriň esasy maksady – çagalaryň howpsuzlygyny ýokarlandyrmak we olaryň okuw prosesine işjeň gatnaşygyny üpjün etmekdir.

Bilim ministri Simona Mohamsson bu çözgüdiň soňky 30 ýylda Şwesiýanyň bilim ulgamynda amala aşyryljak iň giň gerimli özgertmeler maksatnamasynyň bir bölegi boljakdygyny aýtdy.

Neşirde bellenilişi ýaly, köp mekdeplerde beýle düzgün eýýäm içki düzgünnamada bar, emma çagalar ony alyp geçmegiň ýollaryny tapýarlar: mekdebe birnäçe telefon alyp gelýärler ýa-da ony öýünde galdyrandygyny aýdýarlar.



# «Ahal» topary Hindistanda ýeňiş gazandy

Aziýanyň ikinji derejeli çempionlar ligasynda «Ahal» futbol kluby myhmançylykda toparçalaýyn tapgyrdaky ilkinji duşuşygyny geçirdi. Bu duşuşykda «Ahal» futbol kluby Hindistanyň «Mohun Bagan» toparyna garşy meýdança çykyp, bu topary 1:0 hasap bilen ýeňmegi başardy. Oýnuň ýeketäk goluny 83-nji minutda Enwer Annaýew geçirdi.

Duşuşygyň ilkinji minutlarynda ýer eýeleri «Mohun Bagan» toparynyň oýnuň gidişini öz ellerinde saklamaga synanyşsada, «Ahalyň» futbolçylary muňa ýol bermedi. Ilkinji minutlardan başlap, «Ahal» topary sowukganlylyk bilen oýnuň dowamynda topa doly erk etmegi başardylar. Oýnuň tutuş dowamynda derwezelere depilen garşylykly toplaryň hiç biri hasaby artdyrmaga ýetmedi.

Şeýlelik bilen, «Ahal» futbol kluby myhmançylykda Aziýanyň ikinji derejeli çempionlar ligasynda toparçalaýyn tapgyrdaky ilkinji 3 utugyny almagy başardy.

«Ahal» futbol kluby bu çempionatdaky indiki duşuşygyny 30-njy sentýabrda "Arkadag" stadionynda "Al Hussein" toparyna garşy geçirer.



# Ronaldo Saud Arabystanyda "Altyn aýakgap" baýragyna mynasyp boldy

Saud Arabystanynyň «Al-Nasr» toparynyň hüjümçisi Kristiano Ronaldo geçen möwsümde "Saud Pro" ligasynyň iň gowy hüjümçisine berilýän baýragy aldy. Bu barada bäsleşigiň metbugat gullugy sosial ulgamlarda habar berdi.

Ronaldo Saud Arabystanynyň futbol çempionatynyň "Altyn aýakgap" baýragyna mynasyp boldy. Bu üstünlige portugal futbolçy çempionatda iň köp gol geçirmek başarnygy bilen gazandy.

2024/25-nji ýylyň möwsüminde portugaliýaly futbolçy Saud Arabystanynyň çempionatynda 30 oýunda 25 gol geçirdi. Onuň topary üçünji orny eýeledi. 40 ýaşly portugaliýaly futbolçy 2023-nji ýyldan bäri «Al-Nasr» toparynda çykyş edýär. Ol Er-Riýadyň toparynyň düzüminde ähli duşuşyklarda 109 oýun oýnap, 95 gol geçirdi we 20 netijeli pas berdi.

# “Greencard” loteriýasyna gatnaşmak tölegli bolar



ABŞ-nyň Döwlet departamenti “Greencard” loteriýasyna gatnaşmak üçin 1 dollar möçberinde hasaba alyş töleginiň girizilýändigini habar berdi. Täze düzgün 2025-nji ýylyň oktýabryndan güýje girer. Şol bir wagtda, bu lotereýany gazanýanlar üçin wiza arzalarynyň mundan beýläk seredilmegi boýunça töleg üýtgemän 330 dollar bolmagynda galýar.

Edaranyň maglumatlaryna görä, hasaba alyş töleginiň girizilmegi ulgamyň hyzmatlaryny üpjün etmäge, maglumatlary saklamaga we howpsuzlyk barlaglaryny geçirmäge çykdajylary ýapmaga mümkinçilik berer. Mundan başga-da, Döwlet departamenti bu çäre bilen ýasama arzalaryň sanynyň azaljagyna we ýylda goşmaça takmynan 25 mln dollar girdeji gazanyljakdygyna garaşýar. Mundan öň, ABŞ häkimiýetleri B1/B2 kategoriýaly syýahatçylyk wizalaryny hem içine alýan immigrant däl wizalaryň berilişi boýunça düzgünleri hem berkidipdi. Indi resminamalary diňe raýatlygyň ýa-da hemişelik ýaşaýan ýeriň ýurdunyň çäginde tabşyrmak mümkin.

# Koreýa bilim almak isleýän türkmen ýaşlary üçin bildiriş

Koreýa Respublikasynyň Bilim ministrliginiň Halkara Bilim Instituty ýokary bilim almak üçin döwlet talyp hakly maksatnamasyna (GKS) arzalaryň kabul edilip başlanandygyny mälim etdi. Bu maksatnamanyň çäklerinde Türkmenistanyň raýatlary üçin ilçihana arkaly bakalawriat maksatnamasyna iki orun berilýär. Bu barada Koreýanyň ilçihanasynyň sosial ulgamlarynda habar berildi.

**Dalaşgärler üçin esasy maglumatlar**

**Orunlar:** Iki orun berilýär: biri esasy GKS maksatnamasy boýunça, beýlekisi sebit R-GKS maksatnamasy boýunça.

**Resminamalary tabşyrmak möhleti:** Resminamalar diňe onlaýn görnüşde 2025-nji ýylyň 15–30-njy sentýabry aralygynda (Koreýa wagty boýunça, GMT+9) resmi web sahypada kabul edilýär: www.studyinkorea.go.kr.

**Saýlap almak tapgyrlary:** Saýlap almak iki tapgyrdan ybarat. Birinji tapgyryň netijeleri 10-njy oktýabrdan soň yglan ediler, soňdan soň saýlanan dalaşgärler bilen aýratyn söhbetdeşlik geçiriler. Gelejekki gatnaşyjylara maksatnamanyň resmi gollanmasyny we resmi web sahypadaky ýygy-ýygydan berilýän soraglar bölümini öňünden ünsli öwrenmek maslahat berilýär.

**Resminamalaryň terjime hyzmaty:** Makul Terjime

Daşary ýurtda bilim almak isleýän talyplaryň resminamalaryň dogry we takyk terjime edilmegi wajyp bolup durýar. Şu maksat bilen Türkiýede we dünýäniň dürli künjeginde bilim almak isleýän talyplar halkara okuw resminamalaryň terjimesi ulgamynda ýöriteleşen “Makul Hyzmat” Terjime Merkeziniň Aşgabat şäherindäki merkezlerine ýüz tutup bilerler.

**“Makul Hyzmat” Terjime Merkezi**
Aşgabat, Oguzhan (Aýtakow)-Ankara (Ýubileýni) köçesi, A Blok,
Makul Hyzmat Ofis, 4. gat, 401
**Tel:** +993 63 78 96 73 / + 993 12 96 48 55
**Elektron poçta salgysy:**
makulhyzmat@gmail.com




# Germaniýa 32 ýyldan soňra basketbol boýunça Ýewropa çempiony boldy

**Germaniýanyň milli ýygyndysy final duşuşygynda Türkiýäniň milli ýygyndysyny 88:83 hasabynda ýeňip, 1993-nji ýyldan bäri ilkinji gezek Ýewropa çempionatynyň ýeňijisi boldy. Duşuşyk Rigada geçirildi. Ýeňijileriň düzüminde iň köp utuk toplan basketbolçy Isaak Bonga boldy, ol 20 utuk gazandy. Ikinji orny eýelän Türkiýäniň ýygyndysynda iň netijeli çykyş eden Alperen Şengün bolup, onuň hasabynda 28 utuk boldy.**




**Üçünji ýer ugrundaky duşuşykda Gresiýanyň ýygyndysy Finlýandiýany 92:89 hasabynda ýeňdi. Germaniýanyň ýygyndysy ikinji gezek Ýewropa çempionatynyň ýeňijisi boldy. Mundan ozal nemesler 1993-nji ýylda çempion bolan. 2005-nji ýylda kümüş medala, 2022-nji ýylda bolsa bürünç medala mynasyp bolupdylar. Germaniýanyň ýygyndysy häzirki wagtda dünýä çempiony hem bolup durýar.**

**Türkiýäniň ýygyndysy Ýewropa çempionatynyň kümüş medalyny ikinji gezek gazandy. 2001-nji ýylda hem olar öz ýurdunyň ýerinde geçirilen çempionatda şeýle netijäni görkezmäge başarypdy. Ýewropa çempionatyny Kipr, Finlýandiýa, Polşa we Latwiýa kabul etdi.**



# Russiýa Türkmenistana 2026/2027-njy okuw ýyly üçin uniwersitetlerine 500 orun berdi

2025-nji ýylyň 15-nji sentýabrynda 2026/2027-nji okuw ýyly üçin täze kwota kampaniýasy başlanýar! Russiýanyň Hökümeti ýene-de Türkmenistana ýokary bilimi almak üçin 500 orun bölüp berdi. Bu – ylma ymtylýan we has gowy bilim mümkinçiliklerini arzuw edýänler üçin gaýtalanmajak mümkinçilikdir. Bu barada Russiýanyň Türkmenistandaky ilçihanasynyň “Telegram” jemgyýetçilik torunda habar berilýär.

Habar berlişine görä, berlen orunlar baradaky ähli möhüm maglumatlar, Russiýanyň uniwersitetleriniň tanyşdyryş kartlary, hünärler we başga-da köp zat ýerleşdiriler. Bu ýerde Russiýada ýokary bilim almak boýunça ähli soraglaryňyza jogap tapyp bilersiňiz. Eger siz bu möhüm çärede gatnaşmak isleseňiz, sizi saýlawa gatnaşyjylaryň arasynda görmekden hoşal bolarys. Hasaba alyş üçin education-in-russia.com saýtyna girmegiňizi haýyş edilýär.

Resminamalaryň terjime hyzmaty: Makul Terjime

Daşary ýurtda bilim almak isleýän talyplaryň resminamalaryň dogry we takyk terjime edilmegi wajyp bolup durýar. Şu maksat bilen Türkiýede we dünýäniň dürli künjeginde bilim almak isleýän talyplar halkara okuw resminamalaryň terjimesi ulgamynda ýöriteleşen “Makul Hyzmat” Terjime Merkeziniň Aşgabat şäherindäki merkezlerine ýüz tutup bilerler.




# Bütindünýä bankynyň Özbegistandaky taslamalar bukjasy 14 milliard dollardan geçdi

Özbegistanyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýew Namanganda Bütindünýä bankynyň global direktory Luis Felipe Lopes-Kalwo bilen duşuşdy. Gepleşikleriň dowamynda taraplar bankyň ýurduň çägindäki taslamalar bukjasynyň 14 milliard dollardan hem geçendigini bellediler. Bu barada Özbegistanyň Prezidentiniň metbugat gullugy maglumat berdi.

Taraplar garyplyga garşy göreşmek, Durnukly Ösüşiň birinji Maksady çäklerinde mundan beýläkki hyzmatdaşlygyň meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar we özara gatnaşyklaryň ýokary derejesini aýratyn nygtadylar.

Bütinbünýä bankynyň goldawy bilen Özbegistanda garyplygyň derejesini anyklamak boýunça usulyýet işlenilip düzüldi. Häzirki wagtda garyplyk we deňlik görkezijileriniň seljermesi bilelikde alnyp barylýar.

Şeýle hem “Garyplykdan abadançylyga” atly maksatnamanyň taslamalary maslahatlaşyldy. Olar zenanlar we ýaşlar üçin iş ýerleriniň döredilmegini, durmuş infrastrukturanyň döwrebaplaşdyrylmagyny, syýahatyň we hususy pudagyň taslamalarynyň ösdürilmegini öz içine alýar. Orta möhletleýin ösüş maksatnamalaryna we ilat ýazuwyna taýýarlyga aýratyn üns berildi.




# AFK Çempionlar ligasy 2: «Arkadag» ilkinji tapgyry 1 utuk bilen başlady

17-nji sentýabrda Arkadag şäherindäki 10 müň orunlyk «Arkadag» stadionynda Aziýanyň ikinji derejeli çempionlar ligasynyň çäginde «Arkadag» – «Andijon» duşuşygy geçirildi. Bu duşuşyk «Arkadag» futbol klubynyň “B” toparçanyň çäginde toparçalaýyn tapgyrdaky ilkinji duşuşygy. Duşuşyk her näçe garşylyklaýyn hüjümlere we howply pursatlara baý bolsa hem oýnuň dowamynda hasap açylmady. Ilkinji minutlardan başlap, «Arkadag» futbol toparynyň futbolçulary oýnuň gidişini öz ellerinde sakladylar. Aýratyn hem, topa erk babatda myhmanlardan has artykmaçlyk görkezdiler. «Arkadag» futbol klubynyň berk goragy bilen sazlaşykly hüjümleri özbegistanly myhmanlaryň derwezesine gol geçirmäge her näçe köp pursat döretsede, hiç biri hasaby üýtgetmedi. Şeýlelik bilen, Aziýanyň ikinji derejeli çempionlar ligasynyň çäginde «Arkadag» hem «Andijon» toparlary bu duşuşykda öz aralarynda 1 utukdan paýlaşdylar. «Arkadag» futbol kluby bu çempionatdaky indiki duşuşygyny 1-nji oktýabrda “Al Khaldiýa” toparyna garşy geçirer.



# Luka Modriç 64 ýyllyk rekordy täzeledi

“Milan” toparynyň ýarymgoragçysy Luka Modriç Italiýanyň çempionatynda gol geçiren iň ýaşuly ýarymgoragçy boldy. 40 ýaşyndaky horwat futbolçy “A” seriýasynyň 3-nji tapgyryndaky “Bolonýa” toparyna garşy oýnunda (1:0) ýeke-täk goly geçirdi.

Şeýlelikde, ol 1961-nji ýylyň mart aýynda “Milan” toparynyň düzüminde “Intere” garşy oýunda (2:1) gol geçiren şwesiýaly Nils Lidholmyň 38 ýaş 169 günlik rekordyny täzeledi.

9-njy sentýabrda Modriç 40 ýaşyny belledi. Ol häzirki wagtda iň gowy 5 liganyň iň ýaşuly oýunçylarynyň üçlügine girýär. Onuň bilen bilelikde 41 ýaşly “Nissa” toparynyň goragçysy Dante we 40 ýaşly “Owedo” toparynyň ýarymgoragçysy Santi Kasorla hem bu sanawda bar.

Modriç geçen tomusda “Real Madrid” toparyndan erkin futbolçy hökmünde Italiýanyň “Milan” toparyna geçdi. Ol “Milan” toparynda dört oýun oýnap, bir gol geçirdi we bir goluň pasyny berdi. Modriçiň şertnamasy 2026-njy ýylyň tomsuna çenli dowam edýär we ýene bir möwsüm uzaltmak mümkinçiligi bar.

## Albaniýa dünýäde ilkinji bolup emeli aňy ministr edip belledi




Albaniýa dünýäde ilkinji bolup, ministr wezipesini emeli aňa beren ýurt boldy. “Diella” atly ulgam ähli döwlet bäsleşiklerine gözegçilik eder, häkimiýetleriň pikiriçe, bu olary bäsleşikleriň aç-açanlykda geçirilmegine ýardam eder.

Habar neşirleriniň habar bermegine görä, Albaniýa ministr wezipesini emeli aňyň binýadyndaky model alnan dünýäde ilkinji döwlet boldy. Wirtual ministriň ady Diella (alban dilinden terjime edilende “gün” manysyny berýär).

Albaniýanyň Premýer-ministri Edi Rama, “Diella”-nyň hökümetiň hususy kompaniýalar bilen şertnama baglaşýan ähli döwlet bäsleşiklerine gözegçilik etjekdigini aýtdy.

Rama täze kabinetini tanyşdyryp: “Diella – bu fiziki taýdan bolmadyk, emma emeli aň tarapyndan wirtual döredilen ilkinji ministrler kabinetiniň agzasy” diýdi.

“Diella” ulgamy Albaniýanyň döwlet hyzmatlary platformasynda işleýändigi sebäpli, Albaniýanyň ýaşaýjylaryna eýýäm tanyşdyr. Onda adaty alban lybasyndaky ýaş gyzyň görnüşinde peýda bolýar.

## Mourinýu 25 ýyldan soňra täzeden «Benfika»-nyň baş tälimçisi boldy

62 ýaşly portugaliýaly hünärmen bilen şertnama 2027-nji ýylyň tomsuna çenli baglaşyldy, ýöne taraplar häzirki möwsümiň soňunda hyzmatdaşlygy dowam etdirmän biljekdigi barada ylalaşdylar.

Lissabonyň «Benfika» kluby Žoze Mourinýuny topary baş tälimçisi wezipesine belländigini mälim etdi, şertnama 2027-nji ýylyň tomsuna çenli dowam edýär. Taraplar häzirki möwsümiň soňunda şertnamany dowam etdirmän biljekdigine ylalaşdy.

Mourinýu «Benfika»nyň baş tälimçisi wezipesine ikinji gezek geldi. Ol 2020-nji ýylda klubda sentýabrdan dekabra çenli işläpdi.

Geçen möwsümde «Benfika» Portugaliýanyň çempionatynda ikinji orny eýeledi we Çempionlar ligasynyň saýlama tapgyrynda Mourinýunyň ýolbaşçylygyndaky «Fenerbahçe» toparyny ýeňip çykdy. Bu ýagdaý garşydaş tälimçiniň wezipesinden boşadylmagyna sebäp boldy.

Ýöne Portugaliýanyň kluby Çempionlar ligasynda özüniň ilkinji duşuşygynda ýeňlenden soň, tälimçisi Bruno Laženi hem wezipesinden boşatdy.

Mourinýu karýerasynda «Portu», «Inter», «Çelsi», «Mançester Ýunaýted», «Tottenhem», Madridiň «Real» «Roma» hem-de Türkiýäniň “Fenerbahçe” toparlarynda işledi.



## Aşgabatda täze “Yutong” ýolagçy awtobuslary hyzmat edip başlady



**Mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 34 ýyllygynyň öňüsyrasynda täze “Yutong” kysymly hem-de sowadyjy ulgamly ýolagçy awtobuslar paýtagtymyz Aşgabadyň şaýollaryny we köçelerini bezäp, ilata hyzmat edip başlady. Kämil enjamlar bilen üpjün edilen täze ýolagçy awtobuslarynyň 700-si gelip gowuşdy.**

**Hytaýda öndürilen bu ulaglar uzynlygy 12 metr bolan «Yutong ZK6128HG» kysymly awtobuslar üç gapyly bolup, olaryň hereketlendirijisi ekologik häsiýetli «Euro 5» ölçeglerine laýyk gelýär.**

**Täze awtobuslar zyýanly maddalary we gazlary juda az möçberde çykarýar. Munuň özi ak mermerli paýtagtymyzyň ekologik abadançylygyny gorap saklamakda möhüm ähmiýete eýedir.**

**Mälim bolşy ýaly, bu kysymly awtobuslaryň ilkinji nusgasy şu ýylyň baharynda synag hökmünde ulanmak üçin Aşgabada getirilip, paýtagtymyzyň şaýollarynda dürli ugurlar boýunça hereket etdi.**

**Awtobusyň hereketiniň tizligini dolandyryjy awtomatik ulgam Germaniýanyň önümi bolup durýar. Täze awtobuslaryň içi gysyna ýyly, tomsuna bolsa salkyndyr.**

**Ulag serişdelerinde ýolagçylaryň münmegini we düşmegini gözegçilik etmek üçin degişli enjamlar hereket edýär. Wideogözegçilik, GPS we wideokameralar ulanyp, awtobuslaryň hereketini we sürüjiniň işini gözegçilik etmek ulgamy gurnalandyr.**

## Hytaýyň Türkmenistandaky ilçisi täze “Yutong” awtobuslarynda tanyşdyryş saparyny amala aşyrdy

**Aşgabatda şäher infrastrukturasynyň ösüşi üçin möhüm waka bolup geçdi. Paýtagtyň jemgyýetçilik ulaglaryny döwrebaplaşdyrmak boýunça giň möçberli maksatnamanyň çäginde Hytaýyň “Yutong” kompaniýasynyň önümçiliginden 700 sany täze awtobus gelip gowuşdy.**

**Täze awtobuslaryň amatlylygyny we tehniki aýratynlyklaryny şahsy görüp bahalandyrmak üçin Hytaýyň Türkmenistandaky Adatdan daşary we Doly ygtyýarly ilçisi Szi Şumin hem gatnaşdy. Ol türkmen kärdeşleri bilen bilelikde awtobuslaryň birinde tanyşdyryş saparyna gatnaşdy. Bu ýagdaý iki ýurduň arasyndaky ýokary derejeli ynamyň we ýakyn hyzmatdaşlygyň aýdyň subutnamasydyr.**




**Uzynlygy 12 metre deň bolan bu awtobuslar häzirki zaman tehnologiýalarynyň nusgasy hasaplanylýar. Olar “Ýewro-5” ekologiýa standartlaryna laýyk gelýän hereketlendirijiler bilen enjamlaşdyrylandyr. Onda ýolagçylar üçin ähli amatlyklar bar: sowadyjy ulgamy, Wi-Fi we telefonlary zarýad beriş enjamlary.**

**Bu üpjünçilik Türkmenistanyň we Hytaýyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň ähli ugurlarda üstünlikli ösýändigini ýene-de bir şaýadydyr. 2012-nji ýylda başlan ulag pudagyndaky hyzmatdaşlyk barha berkidilip, geljekde bilelikdäki taslamalar üçin ygtybarly esas döredýär.**

## Özbegistan Owganystanda gaz känini özleşdirer

Özbegistan bilen Owganystanyň hökümeti “Tuti-Maýdan” gaz känini özleşdirmek işlerine badalga berdiler. Taslamany amala aşyrmak boýunça Özbegistanyň “Eriell KAM” kompaniýasy bilen 25 ýyllyk şertnama baglaşyldy.

Owganystanda özbegistanly kompaniýanyň gatnaşmagynda gaz känini özleşdirmek işleri başlandy. Bu barada Owganystanyň Premýer-ministriniň ykdysady meseleler boýunça orunbasarynyň wezipesini ýerine ýetiriji Abdul Gani Baradar Ahundyň metbugat gullugy habar berdi.

Owganystanyň demirgazygyndaky Jowzjan we Faryap welaýatlarynda ýerleşýän Tuti-Maýdan känlerinde tebigy gazy gözlemek hem-de öndürmek taslamasy boýunça hyzmatdaşlyk ediler. Balh welaýatynda gaz känini özleşdirmäge girişmek işlerine bagyşlanan dabara Owganystanyň Premýer-ministriniň ykdysady meseleler boýunça orunbasary Abdul Gani Baradar, Özbegistanyň energetika ministriniň birinji orunbasary Bahtiýar Mamatkarimow, «Özbekneftegaz» kompaniýasynyň başlygy Bahodyrjon Sidikow, Özbegistanyň Prezidentiniň Owganystan boýunça ýörite wekili Ismatulla Irgaşew we beýlekiler gatnaşdylar.

Baradar şeýle giň göwrümli taslamanyň durmuşa geçirilmeginiň Owganystanyň maýa goýumlaryna taýýardygyny görkezýändigini belledi.

«Bu taslamanyň netijesinde ýurduň gaza we elektrik



energiýasyna daşary ýurtlardan bolan garaşlylygy azalýar, daşary ýurt pulunyň çykmagy azalar, wagt geçmegi bilen bolsa, gazyň daşary ýurtlara eksportynyň binýady goýlar» – diýip, ol aýtdy.

Dag-magdan senagaty we nebit ministriniň wezipesini ýerine ýetiriji Hidaýatulla Badri Owganystan bilen Özbegistanyň arasyndaky soňky ylalaşyklaryň iki ýurduň arasynda ykdysady hyzmatdaşlygyň mundan beýläk-de güýçlenmegine ýardam berýändigini belledi.

## ABŞ-nyň Prezidenti täze “Gold Card” wiza programmasyny girizdi

ABŞ-nyň Prezidenti Donald J. Tramp täze Prezidentlik Buýrugyna gol çekip, “Gold Card” ady bilen täze wiza programmasyny yglan etdi.

Resmi beýannamada bellenilişine görä, täze syýasatyň maksady bolsa, daşary ýurtlardan diňe ýurduň ykdysadyýetine we milli bähbitlerine peýda getirip biljek adamlary kabul etmekdir.

### GOLD CARD NÄME?

Täze programma boýunça, daşary ýurtly şahsyýet ýa-da kompaniýa ABŞ-a maliýe kömegi hökmünde sowgat görnüşinde serişdeler geçirende, çaltlandyrylan proses arkaly immigrant wizasy almaga mümkinçilik gazanar.

Şahsyýet üçin gerekli möçber – 1 million dollar

Korporasiýa ýa-da ş.m. gurama tarapyndan hemaýatkärlik edilende – 2 million dollar

### AMALA AŞYRYLYŞY

Programma ABŞ-nyň Söwda departamenti tarapyndan gözegçilikde alnyp barylýar.

Tölegler Gazna departamentinde ýörite gaznada toplanyp, Amerikanyň senagatyny we söwdasyny ösdürmek üçin ulanylar.

Döwlet, Söwda we Içeri işler sekretarlary 90 gün içinde programma doly ornaşdyrmaga borçly.




### NETIJE

“Gold Card” programmasy daşary ýurtly telekeçiler we maýadarlar üçin täze mümkinçilik döredýär. Şeýle-de bu programma arkaly ABŞ, ýurduň ykdysadyýetine gönüden-göni goşant goşjak daşary ýurtly işewürlere wizany çaltlandyrylan tertipde bermegi göz öňünde tutýar.




